# Danalardan dürdäneler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Danalardan dürdäneler DANALARDAN DÜRDÄNELER

• Dünýä ajaýyp, emma şahyryň gözi bilen hasam ajaýyp görünýär.

Iogann Wolfang Gýote.

◆ ◆ ◆

• Adamlar öz ýalňyşlyklaryny bagtly pursatlarynda däl-de, betbagtlyga uçran wagtlary ýatlaýarlar.

Daniel Defo.

◆ ◆ ◆

• Bikemal adam hemme zadyň bahasyny bilip, hiç zadyň gymmatyny bilmeýän adamdyr.

Oskar Waýld.

◆ ◆ ◆

• Üstünlik gazanmagyň iki ýoly bar: ýa öz aklyňdan peýdalanmaly, ýa-da başgalaryň akylsyzlygyndan peýdalanmaly.

Žan de Labruýer.

◆ ◆ ◆

• Durmuş merdiwanyndan çykyp barýarkak, adamlar bilen mylakatly bolalyň. Çünki düşüp barýarka, ýene şol adamlara sataşmalydyrys.

Jenap Şahabeddin.

◆ ◆ ◆

• Ajaýyp zady söýüp bolmaýar, söýüp bolýan zat ajaýypdyr.

Lew Tolstoý.

◆ ◆ ◆

• Owadanlyk ~ köplenç kemçilikleri gizleýän ýapynjadyr.

Onore de Balzak.

◆ ◆ ◆

• Adamyñ hakyky baýlygy onuñ bu dünýäde eden haýyr işleridir.

Hz.Muhammet pygamber (s.a.w)

◆ ◆ ◆

• Adamlar barslara meñzeýär, içleri boşka başy gökde, içi doldugyça bolsa egilerler.

Mişel de Monten.

◆ ◆ ◆

• Söýgi ~ birnäçe bolmajak zatlary boldurar.

Iogann Wolfang Gýote.

◆ ◆ ◆

• Hakyky ýoldaş ~ iki göwrede ýaşaýan bir ruhdur.

Aristotel.

◆ ◆ ◆

• Ha aýal bolsun, ha kitap… Daşyna aldanman içine seretmelidir.

Jenap Şahabeddin.

◆ ◆ ◆

• Söýgi ~ köpri gurmakdyr. Adamlar köpri gurmaly ýerinde diwar

örýändikleri üçin ýalňyz galýarlar.

Isaak Nýuton.

◆ ◆ ◆

• Şol bir dilde gürleşýänler däl-de, şol bir duýgulary paýlaşýanlar düşünişip bilýändir.

Jelaleddin Rumy.

◆ ◆ ◆

• Pul açlygy giderer, bagtsyzlygy däl. Nahar garnyňy doýurar, ruhuňy däl.

Bernard Şou.

◆ ◆ ◆

• Agyr iş ~ öz wagtynda etmeli, emma etmedigimiz sebäpli aňsat işleriň toplanmagyndan döreýär.

Žan Žak Russo.

◆ ◆ ◆

• Ata-babaňdan saňa miras galan zatlara mynasyp boljak bol! Ýogsa olar seniňki bolmaz.

Iogann Wolfang Gýote.

◆ ◆ ◆

• Gabanjaňlykda buýsanjyň paýy söýgüden artykdyr.

Fransua de Laroşfuko.

◆ ◆ ◆

• Erkekler zenanlaryň ilkinji söýgüsi, zenanlar erkekleriň iň sonky söýgüsi bolmak isleýär.

Oskar Waýld.

◆ ◆ ◆

• Akylly bolmak esasy zat däl, esasy zat ol akly öz ýerinde ulanyp bilmekdir.

Rene Dekart.

◆ ◆ ◆

• Men seniň meni söýmek ähtimallygyňy söýdüm.

Ýylmaz Erdogan.

• Başgalary ýygy-ýygydan bagyşlaň, emma özüňizi asla bagyşlamaň…

Publisiý Sir.

◆ ◆ ◆

• Hakyky söýgüde ne wepa bar, ne jepa…

Jelaleddin Rumy.

◆ ◆ ◆

• Adam nähili ruhubelent boldugyça, söýgüsi şonça çuňňurlardan geler.

Leonardo da Winçi.

◆ ◆ ◆

• Adamlary gowy tanaň: her adamy erbet hasap edip ýamanlajak bolup durmaň, her adamy hem gowudyr öýdüp öwjek bolup ýörmäň.

Jelaleddin Rumy.

◆ ◆ ◆

• Kämil adam ~ owadan gürlemän, gürlän zadyny eden we etjek

zadyny gürlän adamdyr.

Konfusiý.

◆ ◆ ◆

• Ant içip ýörmäge zerurlyk duýulmaz ýaly beren sözüñizde tapylyñ.

Deýl Karnegi.

◆ ◆ ◆

• Iñ köp göwnümize ýaran adam ~ özümize meñzeýän adamdyr.

Molýer.

◆ ◆ ◆

• Adamlary beýgeldýän iki belent häsiýet bardyr: erkegiñ mert, zenanyñam namysly bolmagy.

Napoleon.

◆ ◆ ◆

• Söýgi – eşege-de tans etdiriberer.

Fransuz nakyly.

◆ ◆ ◆

• Garaşyp sabyr edip bilýän adamyñ hemme zat öñüne geler.

Onore de Balzak.

◆ ◆ ◆

• Bir şem beýleki bir şemi tutaşdyrany bilen, yşygyndan hiç zat kemelmez.

Jelaleddin Rumy.

◆ ◆ ◆

• Söýeniñi elde saklap bilmeseñ, eliñde bar bolany bir söýjek bol.

Pýer Kornel.

◆ ◆ ◆

• Dile çolanan ýagşylygyñ sögünçden gowy ýeri ýokdur.

Žan Rasin.

◆ ◆ ◆

• Eden ýagşylygyñy ýatlama, özüñe edilen ýagşylygam unutma.

Çilton.

◆ ◆ ◆

• Hilegärlik utuş getirse-de, ýazgydy üýtgedip bilmez.

La Edri.

◆ ◆ ◆

• Söýgi adamkärçiligiñ, zorluk mahluklaryñ kanunydyr.

Mahatma Gandi.

◆ ◆ ◆

• Dostuña-da, duşmanyña-da ýagşylyk et. Eger şeýtseñ dostuñ bilen-ä hasam ýakyn dost bolarsyñ, duşmanyñ bilenem dostlaşarsyñ.

Kledbul.

◆ ◆ ◆

• Eğer biri kimdir birini halamasa, munuñ bir bir sebäbi bardyr. Eger kimdir birini hemmeler söýýän bolsa, onda munuñam

bir sebäbi bardyr.

King Dse.

◆ ◆ ◆

• «Näme diýsemkä?» diýip ilki pikirleneniñ, «Näme üçin beýle diýdimkä?» diýip soñundan puşman edenden has gowudyr.

Saady Şirazy.

◆ ◆ ◆

• Gülüñ tikeni bar diýip gynanç bildirmegiñ deregine, tikeniñ güli bar eken diýip begeneliñ.

Iogann Wolfang Gýote.

◆ ◆ ◆

• Hiç wagt çykan gapyñy çalt ýapma, yzyña öwrülmegiñ ahmal.

Don Herold.

◆ ◆ ◆

• Söýgi bitewilige, men-menlik ýalñyzlyga alyp barýar.

Fridrih Şiller.

◆ ◆ ◆

• Tümlügi näletlemegiñ deregine, bir şem ýakyñ.

Konfusiý.

◆ ◆ ◆

• Alnyny Güne dirän adamyñ ýüzüne kölege düşmez.

Helen Adams Keller.

◆ ◆ ◆

• Ýagşy niýetli adam ýaranyñ üstüne guran gabyk, bet pygylly adam bolsa gabygyñ aşagynda ýene ýara görer.

Wilýam Şekspir.

◆ ◆ ◆

• Iki zady heniz bar wagty gymmatyny bilmek kyndyr: saglyk we ýaşlyk.

Hz.Aly (r.a)

◆ ◆ ◆

• Bagtlylygyñ hiç birisem soñy gowluk bilen gutaran gaýgy ýaly lezzetli däldir.

Kwint Gorasiý.

◆ ◆ ◆

• Patyşanyñam, gedaýyñ ajygyşy birmeñzeş bolýar.

Mişel de Monten.

◆ ◆ ◆

• Seniñ için ölerin diýdi. Men üçin eýýäm öldüñ diýdim welin, jesedini alyp çykdy…

Küçük Isgender.

◆ ◆ ◆

• Meniñ düşünişime görä, bu söýgi diýlen zat: her iki tarapada jebir çekdiren, ýürege biygtyýar gozgalañ tapdyran adatdan daşary hereket eken…

Jan Ýüjel.

◆ ◆ ◆

• Söýmek ~ birini tapmak ýa-da gazanmak däl.. Başga birinde

özüñi tapmakdyr…

Emma Goldman.

◆ ◆ ◆

• Gözýaşyñam öz etmeli işi bar ekeni, yzyndan geljek ýylgyryşyñ ýoluny arassalarmyşyn.

Jelaleddin Rumy. Sözler